# Salam, güýz!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Salam, güýz! SALAM, GÜÝZ!

Gözýetimde böwsüp tümi,
Meýdan salam berýär daňa.
Salam saňa, güýz möwsümi,
Salam mawy asman saňa.

Gün dogmaka turdum towsup,
Şapak nurun çaýýar düze.
Ak harmanlar kümüş öwsüp,
Ilýär göze, ilýär göze.

Ýarym daşda daldir mundan,
Ýüregimiň baş eýesi.
Gelýär bagyň aňyrsyndan
Joralarmyň şowhun sesi.

Göz öňüme ýigdiň şekli
Gelip, kalbym oýa batýar.
Agzy jowur ak ýelekli
Çaňňalaklar owsun atýar.

Gidýär hatar öe uzap,
ýürek urýar mähir bile.
Ak sümekler pei bezäp,
Garaşyp dur ezber ele.

Kalbym meniň maý dek maýlap,
Göýä saňa bakyp durun.
Ak pagtanyň sortun saýlap,
Fartugyma dykyp durun.

Gök ýapraklar şygyrdaşyp,
Wasp edip bu mekanymy,
Meň sesime sesin goşup,

Çalýar zähmet mukamyny.

Uçýar göge hoş owazy,
Ganat gerip, her dem saýy.
Salam saňa, watan güýzi,
Salam saňa, hasyl aýy!

Iwan ŞEMARYKIN.

Rusçadan terjime eden Mämmet SEÝIDOW.

«Edebiýat we sungat’ gazeti, 12.11.1959 ý. Goşgular